# Antimotiwasiýa / monolog

Category: Kitapcy,Oýlanmalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Antimotiwasiýa / monolog **ANTIMOTIWASIÝA**



Ol elindäki stakanyna üns bilen seretdi. Içindäki suwuklyk, durmuşy ýaly çylşyrymly we düşnüksizdi. Ol bir ýuwdum aldy-da, şol pursatda içindäki ähli garaňky pikirler birin-birin peýda bolup başlady. Içki sesi pyşyrdady: «Dogulanyňdan bäri samsyk bolduň, samsyklyk seniň DNK-nyň bir bölegi, sen mundan gaçyp bilmersiň. Hemmeler senden has gowy, akylly we zehinlidir. Sen diňe ýönekeý kölege, töweregiňdäkileriň ýagtylygynda ýitip giden bir garaňkylyk».
Ol bir ýuwdum ýene aldy, ýöne bu gezek has çuň bir ýuwdymdy. «Pul gazanmak? Meşhur bolmak? Senmi? Hat-da bu barada pikir etmek hem gülküňç. Seniň ukyp başarnyk diýýän zatlaryň beýlekiler üçin wagt ýitirmekdir. Hat-da olar üçin seniň bilen bile bir howadan dem almak hem ezýet. Seni söýmeklerine garaşýaňmy? Seni söýmäge bir sebäp görkezmediňä ömriň boyunça!»
Soň ýene bir ýuwdum aldy, indi içindäki ses hasam güýçli gürleýärdi. «Daş-töweregiňe seret, hemme bir zatlar başarýar.

Sen bolsa şu ýerde, bir stakan içgi bilen özüňe teselli bermäge synanyşýarsyň. Ýöne bilýäň hatda bu içgi hem seni söýmeýär; seni diňe aşak çekýär. Motiwasiýaňy ruhyňy ele geçirýär we seni ýere serýär. Näçe içseňem, şol gara bulut hiç haçan dargamaýar; tersine, garaňky bulut goýulaşýar.»
Ol içmegi dowam etdi. Her ýuwdumda içindäki ýigrenç artdy. Ýigrenç ilki özüne, soň bolsa bütin dünýä ýaýraýardy. Içindäki garaňky tokaý ulaldy, ruhyny we kalbyny doly gurşap aldy. Özüne bolan ynanamy, umydyny, joşgunyny; hemmesi birin-birin ýitip barýardy. Indi diňe bir gabyk galdy; boş, manysyz, biderek.
Soň ýene bir ýuwdum alyp, stakany stoluň üstünde goýdy. Onda indi hiç zat galmady; ne umyt, ne-de arzuw. Diňe garaňky, düýpsüz çukur. Ol bu çukuryň düýbünde, döreden garaňkylygy bilen ýeke özi galypdy. Şol pursatda ol karar berdi. bu garaňkylygy kabul edip, onuň bilen hemişelik ýaşamalydy ýa-da çykalga gözlemelidi. Ýöne haýsy ýoly saýlasada hiç zat öňküsi ýaly bolmaýardy. Oýlanmalar